# Bir ýyllap pingwin iýen itler

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Bir ýyllap pingwin iýen itler BIR ÝYLLAP PINGWIN IÝEN ITLER

Antrarktidadaky «Sewa» atly ýapon stansiýasynda 15 adam gyşlaýardy. Buzuñ üstünden typyp ýöreýän arabaça goşulýan 15 sany it hem bardy.
Stansiýada işleýänleriñ Merkeze dolanmaly wagty gelende bu ýere indiki işlejek topary getiren doñy ýaryp ýöreýän gämi batyp galdy. Gäminiñ köp ýeriniñ hatardan çykanlygy belli boldy. Täze gelenleri stansiýa düşürmek hakynda oýlanmak ýerliksizdi. Öñki işläp ýörenleri sag-aman merkeze aşyrmagyñ gamyny iýmelidi. Kiçijik wertolýot iki gezek uçuş etdi. Adamlary halas etmek başartdy. Güýçli öwüsýän çapgyn şemal sebäpli wertolýot üçünji gezek asmana göterilip bilmedi. Adamlaryñ ýaşan ýerlerinde bir topar gerekli goşlary hem-de ýüpe dañylgy duran itler galdylar.
Bu habary eşiden ýaponlar metbugatda itleri taşlap gaýdan adamlary tankytlap çykyş etdiler. Itlere ýadygärlik galdyrmak üçin serişde toplanylyp başlandy. 1958-nji ýylyñ 6-njy iýulynda Osakada itlere ýadygärlik galdyryldy. Ol ýerde: «Antarktidada açlygyndan wepat bolan 15 sany köpege» diýen ýazgy bardy.
Aradan bir ýyl geçenden soñ ýaponlar «Sewa» stansiýasyna öwrülip geldiler. Şonda olary begenç, şatlyk we geñirgenme, aşa haýran galma duýgulary gaplap aldy.
Ýere gonan wertolýoty birnäçe it garşylady. Görüp otursalar itler ýüplerini üzüp gidipdirler. Olar bir ýylyñ dowamynda pingwinleri iýip oñupdyrlar.
Wagt geçip dur. Şol agyr şertlerde, añzak sowuk howaly ýerde bütin bir ýyllap ýaşamagy başaran itler häzir ýok. Ýöne Osaka şäherinde olara galdyrylan ýadygärlik welin dur. Ol ynsanyñ haýwana minnetdarlygyñ alamaty. Adamlar haýwanlara köp sanly ýadygärlikleri galdyrdylar. Iñ köp ýadygärlik galdyrylan haýwan bolsa adamlaryñ has ýakyn dostlary bolan itlere

galdyrylan ýadygärliklerdir. 1935-nji ýylda dünýä belli rus fiziology, akademik Pawlowyñ uly aladasy bilen Peterburg şäherinde itiñ ýadygärligi açyldy. Bilşimiz ýaly, akademik Pawlow itleriñ organizminiñ gurluşyny öwrenmek bilen adam organizminiñ gurluşynyñ entek şol wagta çenli belli bolmadyk syrlaryny açmagy başardy.

#balkan_2003 Geň-taňsy wakalar